# Ruhyýet hakynda goşgylar

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Ruhyýet hakynda goşgylar Berdinazar HUDAÝNAZAROW

▶ RUHYÝET BARADA GOŞGULAR

Muňa köpi gören düne diýerler.
Haýran galmaz, hiç bir zady geňlemez.
Güleniň, aglanyň parhyna däldir,
Etjegi içinde, seni diňlemez.

Adam pakyr bolsa şeýle ham-hyýal:
Bu gün-ä «dünýäni tutdum» diýip ýör.
Ertesi görseňem bu dünýä gargap
«Bu oýunda bizi utduň» diýip ýör.

Soňam öz-özüne teselli berýär
Bu dünýä bilen däl – o dünýä bilen.
Ýöne eşdişimçe o dünýä gidip
ýokmuşyn yzyna dolanyp gelen.

Diýmek berilmedik zada göz dikmän
Berlenje zat bilen oňuşmak galýar.
Ölçegli ömürde bir-birek bilen
Bälçireşmek galýar, degişmek galýar.

Diýmek bu dünýäni gysymlamak däl
Bize ony diňe ellemek galýar.
Biri-birimize badak atyşman
Gaýtam bir-biregi goldamak galýar.

Süýtreňk daňlary maňlaýa sylyp
Şükür etmek galýar, aýňalmak galýar.
Bir bendäni ýykyp beýgeljek bolman
Ol kişä gop berip beýgelmek galýar.

Dokuzyň düzüwkä adam tanaman

Ejizlän çagymyz ýatlap Hudaýy,
Şundan soňam özümizden hoş bolup
Geň galdyryp ýörüs günleri, aýy.

Diýmek, pähim-pikir kereplemänkä
Olary ukudan oýarmak galýar.
Ýalana gol ýapman, salgyma çapman
Diňe Çyn zatlara daýanmak galýar.

Panyda ýalanyň känligi üçin
Ýalançy diýlipdir owadan dünýä.
Aga gara diýip, gara ak diýip,
Sogap diýip ýören bolmalyň günä?

Diýmek özümizi özümiz gynap
Humardan açylmak, uýalmak galýar.
Bizar eden suwjyklykdan saplanyp
Uýan gatyk ýaly goýalmak galýar.

Ine şonda ýaşap ýören dünýämiz
Has lezzetli hemem göwnejaý bolar.
Saplandygmyz saýy köne ýoňlardan
Ruhumyz belent bolar, baý bolar.

* * *

Dagyň eteginde tomsuň gory bar,
Depesinde bolsa, gyşyň gary bar.
Gudratyň öňünde başym egilgi,
Ýalňyzsyň sen, ýeketäksiň Biribar!

Haýran galýan dünýä inelim bäri
Älemi çoýup dur ak günüň nury.
Ýalkar bolsaň ýedi yklym lälezar,
Sahawatyň çägi ýokdur Biribar!

Ýatamda, turamda tagzym edýärin,
Ile-güne çyksam wygzyň edýärin.
Bir özüňde dünýäň hak hossary bar,

Atlaryňa ** – alkyş ýagsyn Biribar!

Bereniňe ýüz-müň şükürim bardyr,
Başymda musulman pikirim bardyr.
Nazaryňda bütin ýeriň şary bar,
Ýeketäksiň, ýalňyzsyň Sen Biribar!

Ejizdirin Saňa aklym ýeterden,
Bendäňi halas et bela-beterden.
Amanat başymyň duw-ak gary bar,
Şol baş Saňa gurban bolsun Biribar!

** Allanyň müň bir ady bolmaly

* * *

Ýylgyr adam, bu günüňe hoş bolup,
Ýöräp bilýäň, uçup bilýäň guş bolup.
Guwdurama Ýaradandan daş bolup –
Gara daglar gagşar zora çydaman.

Görüp dursuň, kalbyň welin duýanok,
Sen akmysyň, garamysyň diýenok.
Ýuwdup ýatyr, ýuwdup ýatyr – doýanok,
Ýer çaýkanýar ahy-zara çydaman.

Seret: külli adamzady durşuna
Bugdaý başy göterip dur gerşine.
Tüp yssyda meňzäp erän gurşuna
Ak çäge garalýar gora çydaman.

Bagt diýilýän ynjyk närse ýatanda
Burnuň ganar agzyň aşa ýetende,
Keç ykballar gazabyna tutanda
Bende eňrär Biribara çydaman.

Düne porhan bolýar alaýazlarda,
Gudrat gördüm ýönekeýje näzlerde.
Göz, dokunan bereketli güýzlerde
Şaha synar gyzyl nara çydaman.

Gursagymda dyňzap dur bir monolog
Pese beýik diýjek bolýan – bolanok.
Çyn şahyrlar ajalyna ölenok,
Ölýär olar namys-ara çydaman.

▶ SANJARA SEREDIP ÝAZYLAN GOŞGULAR

1

Bu gün ýigit çykdyň on ýedi ýaşap,
Ýylgyrýan sähelçe dodagy dişläp,
Hernä bagtyň çüwüp, ykbalyň işläp,
Ýörejek ýoluňda ýaran tapylsyn.

Bereketli gelsin ýaşyl ýazlaryň,
Düýşüne gir gözel-gözel gyzlaryň.
Möhür bolup galsyn basan yzlaryň,
Aklyňa, şekliňe haýran tapylsyn.

Gök ýaýlada ak bedewiň kişňesin,
Ak ýyldyzyň ýanyp dursun, ýaşmasyn.
Owal-ahyr başyňa iş düşmesin.
Düşäýse beladan goran tapylsyn.

Çykan çeşmäň halal, arassa aslyň,
Ala meýdanlarda bolma sen asgyn.
Hak sylasyn, kem bolmasyn rysgyň,
Mydam maňlaýyňdan diрän tapylsyn.

Bu dünýäni tutup bolmaz harsuryp,
Ýöne ykbal galawersin gobsunyp.
Mele gelin gujagyňda owsunyp,
Gapdalyňda ganat gerýän tapylsyn.

Pikir etmek gerek, oýlanmak gerek,
Dünýäni saklap dur bir döwüm çörek
Hernä çep gursagyň bolmasyn gurak,
Göwni gülletmäge seýran tapylsyn.

Men arzuw etsemem edemok aşa,

Bagtyýar bol oglum, är kimin ýaşa.
Zabun zamanalar öwrülsin düýşe,
Sür, köşek, sürmäge döwran tapylsyn!

2.

Ýylçyr daşy ýalap ýeller geçende
Daglaryň depesini bürände duman,
Ýolda-yzda galan bolsaň, ezizim,
Öz öýüňe sag-aman bar, sag-aman!

Sary tomsuň ak ýalnyna çydaman
Salgym atýan çagy Çöl atly umman,
Uzak ýola düşen bolsaň, ezizim
Öz obaňa sag-aman bar, sag-aman.

Agzy ak köpükli goja Hazaryň
Al-asmana atylşyna garaman,
Hallan atýan bolsaň gomlar içinde
Kenaryna dolanyp bar sag-aman.

Bulutlary böwsüp barýan uçaryň
Çal ümüre çümen bolsa bu zaman,
Men çagyrýan, senem çagyr Hudaýy,
Uçar guşuň ýere gonsun sag-aman.

Men dünýä bakýaryn howatyr bilen,
Kalbymda howsala, göwnümde güman.
Eý ezizim, çarkandakly ýollaryň
Synagyndan sag-aman geç, sag-aman.

Eger-de köşegim, seniň kastyňa
Çenelse keseden şar-gara keman,
Özümi oklaýyn onuň öňüne,
Sen yzymda galsaň bolýar sag-aman. Goşgular